TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI

# ARZY – GAMBAR

**(Türkmen halk dessany)**

**Çapa taýýarlan Nury SEÝIDOW**

**AŞGABAT «MIRAS» 2007**

# ARZY – GAMBAR

Habarlary rowaýat edijiler, eserleri aýdyjylar we döwrüň gürrüň berijileri şeýle hekaýaty rowaýat edýärler. Mähel diýarynda bir kişi bardy. Onuň adyna Burgaýyp sypahy[1] diýýärdiler. Bir gün ol kişi sapara gidip barýarka, ýolda Aýasofýada[2] saklanyp, namaz okap, yzyndan mynajat-doga okap, hemmeden öň daşary çykdy. Görse, gapynyň öňünde bir kerwen düşläpdir. Ystambula dürli-dürli nygmatlar getiripdir. Kerwen özleri bilen bir çagajygy-da getiripdir. Olar: „Eý, gardaşlar" diýip, halky çagyrdylar. Adamlar geldiler. Olar çaganyň ýoldan tapylyşy hakynda gürrüň etdiler, oňa kimiň eýe çykyp biljekdigini soradylar. Kerwendäkiler: „Bu çaganyň ady Gumly" diýdiler. Burgaýyp sypahy ol çagany ekläp-saklamak üçin alyp, oňa özi Gambar diýip at goýdy. Soňra doga we sena eýledi. Hemmeler muny makul gördüler.

Halyl Çelebi diýen bir kişi bardy. Attardy, müşderisi örän köpdi. Bir gün bir obanyň garry kethudasy şähere gelip, Halyl Çelebiniň söwdasyna haýran galyp, üç günläp onuň garşysynda oturdy. Halyl Çelebi: „Şu gojany agşam meniň öýüme getiriň" diýdi. Agşam getirdiler. Ol oňa hezzet-hormat etdi, sarpalady. Bu adam Halyl Çelebä nesihat berip: „Eý, ogul, dünýä panydyr. Öläýseň dünýäde ogul-öwlüýadyňyz galsa, diňe şonda yzyňyz ýitmez. Dünýä baky däldir. Kämillige ýetişipsiňiz" diýende, ol ony makul görüp: „Örän ajap" diýdi. Onsoň şol bada bir gyz gözlegine çykdy. Birdenem ýaňky adamyň öýüne gelip düşdi. Ol kişiniň aýaly: „Bu adam bize näme diýip geldikä?" diýdi. Şäheriň ilaty bolan wakany hekäýat edip berdiler. Ol aýal: „Meniň gyzym entek kiçidir. Pylan adamyň gyzyny alyň" diýdi. Halyl Çelebi: „Men onyň gyzyny görmeýänçäm almaryn" diýdi. Onsoň bu öýe mysapyr bolup gelip, ol gyzy bir usul bilen görkezdiler. Ony gören badyna sabyr-takat etmäge mejaly galmady. Tizden-tiz toýa başlap, oňa öýlendi. Birnäçe wagtdan soňra aýaly hamyla boldy we tizara bir gyz çaga dünýä inderdi. Olar şähere gitmek islediler. Bir daga gelip, ot ýakyp ýylanyp otyrkalar, haramylar-galtamanlar çozup,

[1] Sypahy – goşun adamsy, harby gullukdaky adam, esger.
[2] Aýasoiýa – öňki döwürde Stambulda metjit, häzirki wagtda muzeý.

ähli gelenleri öldürdiler. Ol aýalyň çagajygy gan içinde galyberdi. Odunçylar şol daga gelip odun gözläp ýörkäler, çagajygyň sesini eşitdiler. Görseler, gan içinde bir çaga aglap ýatyr eken. Ony alyp gelýärkäler, Burgaýyp sypaha sataşyp, oňa ýagdaýy beýan etdiler. Ol: „Eger bu çagany maňa berseňiz, men ekläp-saklaýyn" diýdi. Çagany oňa berdiler. Ol bir eneke tutup, çagany emdirtdi. Soňra ony Nehiň welaýatyna getirdiler. Nehiň welaýatyna baran badyna, bu gyzyň adyna Arzy goýdular. Gurbanlar kesip, Arzy bilen Gambary biri-birine bildirdiler.[1]

Bular aşyk-magşuk bolmasyn diýip, ikisini bir mekdebe berdiler. Soňra Burgaýyp sypahy metjide halky çagyryp, tagam iýlip, töwür-doga edilenden soň: „Her kim bu çagalary Burgaýyp sypahy sapardan getirdi diýse, meniň şondan uly duşmanym ýokdur" diýip berkitdi. Bu çagalara ençeme wagtlap hiç kim hiç zat diýmedi. Olar tä on dört ýaşyna barýançalar biri-birini gardaş hasapladylar. Bular her gün mekdebe bile baryp gelerdiler. Bir gün Akrap jadygöý bularyň ýanyna gelip: „Siz dogan dälsiňiz. Biri-biriňize nika düşer" diýdi. Onuň maksady olary biri-birine aşyk-magşuk etmekdi. Ol bu gürrüňi şonuň üçin aýdypdy. Ol hemişe şunuň ýaly melgunlyk ederdi.

Arzynyň Gambara muhabbeti bolsa-da, Burgaýyp sypahynyň ýanynda Gambar mynasyp görünmeýärdi we Gambary ret etmeýärdi. Bir gün melgun jadygöý bir bahana bilen Burgaýyp sypahynyň huzuryna baryp oturdy-da:

– Bu çagalar biri-birine aşykdyr – diýdi. Burgaýyp sypahy:

– Ondan meniň habarym ýokdur – diýdi.

Arzy bilen Gambar bir öýde ýatyrkalar, Arzy Gambaryň kükregine elini goýdy. Ol kükregine elini goýan badyna

– Eliňi çek! – diýip, kakyp goýberdi.

Arzy onuň söýýändigi üçin urandygyny bildi. Daň atanda Arzy garry melgun jadygöýüň öýüne bardy. Jadygöý Arza hezzet-hormat eýledi. Onda Arzy:

– Eý, garry, bu wagt hezzet-hormatyň wagty däl. Men Gambara aşyk. Maňa bir alaç tap – diýip, katdyny büküp haýyş etdi. Jadygöý:

[1] Bu ýerde Arzy bilen Gambary ikisini dogan hökmünde bildirdiler diýiljek bolunýar.

– Onda gyzym, bar, maňa biraz altyn getir. Saňa bir bilezik ýasadaýyn. Juma gününiň ertesi gelip, goluňa dakyp, mekdebe gidersiň. Onsoň ol hem saňa aşyk bolar – diýdi.

Soňra melgun jadygöý Arzyny alyp, guýumçynyň[1] ýanyna bardy. Gyssap, bilezigi bejertdi. Soňra oňa tilsimler ýazyp, Arzynyň goluna dakdy. Onsoň Arzy bilen Gambaryň biri-birlerine söýgüleri artdy. Mekdebe bile baryp gelenlerinde, ýolda bular biri-birlerini öpmäge başladylar. Melgun jady bulary beýle ýagdaýda görüp, aňrybaş begendi hem-de Burgaýyp sypahynyň ýanyna bardy. Ol gelenden Burgaýyp sypahy:

– Näme boldy, eý, hatyn? – diýdi. Onda ol:

– Häzir Arzy bilen Gambar ýetip gelýär. Olara nazar sal – diýdi. Görse, Arzy bilen Gambar biri-birlerini öpýär eken. Muny gören Burgaýyp sypahy:

– Söz sendendir. Bulara näme alaç edeliň? – diýdi. Onda ol:

– „Çopan hassalapdyr” diýip bahana edeliň. Goý, Gambar birnäçe wagt çopanlyk etsun – diýdi.

Onsoň çopanlyk esbaplaryny berip, Gambary goýna gönderdiler. Gambar Arzy gyzyň öýüniň garşysyndaky bir depä çekyp, elindäki çokmagyna daýanyp durdy. Şol wagt Burgaýyp sypahy Arza:

– Bar gyzym, maňa çeşmeden suw getir – diýdi.

Arzy gyz suwa gelip, gabyny suwdan dolduryp, ellerini, ýüzüni ýuwdy. Şol mahal hem çeşmäniň gyrasynda bilezigini galdyryp gaýtdy. Gambar hem gapdaldan synlap durdy. Ol şolbada gelip, bilezigi alyp gitdi. Arzy gyz aňyna gelip, garasa, bilezigini tapmady. Muny gören badyna Gambar beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Gel, byňar,[2]aşma byňar,
Derdimi daşma byňar.
Arzym suwa gelirse,
Guwguwylaşma[3] byňar.

---

[1] Guýumçy – zergär
[2] Byňar – çeşme.
[3] Guwguwylaşma – seslenme, şaglama manysynda.

Arzy:

Sen byňara bardyňmy?
Gunça-gülüm tirdiňmi?
Ah, dinim-imanym Gambar,
Bilezigim gördüňmi?

Gambar:

Men byňara barmadym,
Gunça-gülüň tirmedim.
Ah, dinim-imanym Arzy,
Bileziginiň görmedim.

Arzy:

Naşyfamy[1] doldurdym,
Doldy diýip galdyrdym.
Ah, dinim-imanym Gambar,
Bilezigigim aldyrdym.

Eý, Gambarym ne olaýdy,
Gözüme gan dolaýdy.
Bilezigim ýitmeden,
Taňry janym alaýdy.

Gambar:

Aý dogar aryşandan[2],
Gün dogar perişandan[3]
Ah, dinim-imanym Arzy,
Bilezigiň ne nyşandan?

Arzy:

Arap atlar kazymy?
Ak goýunlar guzumy?

[1] Naşyfa – küýze, suwgap.
[2] Aryş – Gök, Asman, beýiklik.
[3] Periş – Ýer, düşek manyda.

Bilezigim üstünde,

Arzy-Gambar ýazylgy.

Gambar:

Öýleriniň öňi uluk[1],

Suwlar akar dunuk-dunuk.

Bilezik bulana[2], Arzym,

Nige bar muştulyk?[3]

Arzy:

Öýleriniň öňi uluk,

Suwlar akar dunuk-dunuk.

Bilezigim bulana,

Arzynyň özi muştulyk.

Gambar:

Şirin janym tendedir,

Muhabbetiň jandadyr.

Elem[4] çekme, jan Arzym,

Biléziğiň mendedir.

Arzy:

Şirin jan tende olsun,

Sakla syry, janda olsun.

Berdim bilezigim saňa,

Zaýa etme, sende olsun.

Şol mahal Burgaýyp sypahy myrtar jadygöý bilen maslahat etdi. Burgaýyp sypahy:

– Muny heläk edeliň. Emma neneňsi heläk edeliň? – diýdi. Myrtar jadygöý: –

– Ýok, ony heläk etmek bolmaz. Gowusy guzy etine biraz awy goşup iýdireliň – diýdi.

[1] Uluk – depe, beýik.
[2] Bulmak – tapmak.
[3] Muştuluk – buşluk, serpaý.
[4] Elem – gaýgy, gussa, hasrat.

Şol wagt bir bahana tapyp, Arzyny bir görmek niýeti bilen Gambar dowarlary yzyna dönderip, çopanyň öýüne eltdi.

Burgaýyp sypahy bilen myrtar jadygöý maslahat edip otyrdylar. Arzy bularyň bu maslahatyna düşünmäge golaý bardy. Şol wagt Gambar gelip salam berdi. Arzy Gambaryň salamyny eşitmedi. Şol wagt Gambar beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Aşyk geler dogrudan,
Üzük bagrym eriden.
Neçün alman salamy,
Beýik olduň Taňrydan.

Arzy:

Owwal iýrler tagamy,
Soňra söýlär kelamy.
Elem çekme, jan Gambar,
Eşitmedim salamy.

Gambar:

Arzym, ýasa matmyşsyň,
Kasawata[1] batmyşsyň
Öňüňdäki guýyýa
Ýogsa awumy gatmyşsyň.

Ogryn-ogryn aglama,
Dertli synam daglama.
Ah,dinim-imanym Arzy,
Garalary baglama[2].

Gel, bileje ýatalym,
Nygmata şükür edelim.

[1] Kasawat – gam-gussa.
[2] Garalary baglama – gara lybas geýme manyda.

Seniň bilen ikimiz
Bir myrada ýetelim.

Ýel kibi ösmek olmaz,
Supraýa küsmek[1] olmaz.
Gel, eliň sun, jan Arzym,
Nygmata küsmek olmaz.

Arzy:

Umma,[2] Gambarym, umma,
Arzyň ýetdi kime?!
Öňüňdäki guzuda
Şeker bolsa-da iýme.

Ne olsa şol olsun diýdi,
Ýat iller gülsün diýdi.
Enäň süýdüni gatdy,
Süýtdeş gardaş olsun diýdi.

Gambar:

Arzym hem gardaşymsyň,
Göz üstünde gaşymsyň.
Eneň „oglum” diýse,
Batyn[3] gyz gardaşymsyň.

Arzy:

Ýöriň, Gambarym ýöriň,
Akan suw kibi turuň.
Bir eneden dogulmasa,
Ondan bolarmy dogan?

---

[1] Küsmek – garaşmak.
[2] Umma – umyt etme manyda.
[3] Batyn – bir garynda emele gelen.

Bir eneden dogmaýynça,
Bir babadan gelmeýinçe,
Neneňsi gardaş olar,
Bir memmeden emmeýniçä.

Gambar:

Gün dogar edel[1] olar,
Aý dogar bedel[2] olar.
Ah, dinim-imanym Arzym,
Duz-etmege[3] gadyr olar.

Arzy:

Ne ola bize olsun diýdi,
Duşmanlaryň gülsün diýdi.
Jady garry awy gatdy,
Gambar, siz ölsün diýdi.

Eski ýaralarym batdy,
Anlara okun atdy.
Gapyl olma, jan Gambar,
Neneň guzyýa awy gatdy.

Gambar:

Aramyzda aňlar olur,
Her kes etdigi bulur.
Ah, dinim-imanym Arzy,
Başyma ýazlan geler.

Şol wagt onuň öňüne guzynyň etini goýdular. Gambar derhal gazaba münüp, guzynyň buduny goparyp, itiň öňüne atyp goýberdi. It ony iýen badyna heläk boldy.

---

[1] Edel – has delilli, subutnamaly.
[2] Bedel olmak – çalyşmak, alyşmak.
[3] Duz-etmek – çörek.

Şol bada Gambary tutup, bir öýe çekip tussag etdiler. Şol zaman Gambar ýene beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Maýylam gözüň gaşyna,
Awular gatdy aşyma.
Ah, dinim-imanym Arzy,
Bu gelen nedir başyma.

Arzy:

Säherde guşlar ötdüler,
Meni daglara atdylar.
Seniň sujuň[1] ne idi?
Munda mahbus[2] etdiler.

Gambar:

Jady söýledi ýalan,
Bizi söwdaýa salan,
Ah, dinim-imanym Arzy,
Işimiz oldy tamam.

Soňra Gambar bir tär bilen tussaglykdan halas bolup, Burgaýyp sypahynyň ýanyna gelip, „Alladan gorkmazmy sen? Seniň bu etdigiň nämedir?” diýdi. Derrew ahyra girip, Garagyýtazy[3], çykaryp üstüne münüp, Rüstem şanyň ýanyna gitdi. Ol gidensoň, Burgaýyp sypahy: „Indi ahwallar neneňsi bolar?” diýip, gyssanmaçlyk bilen jadygoýi getirip, maslahata başladylar. Burgaýyp sypahy:

– Indi biziň halymyz nähili bolar?! Bu oglan Rüstem şanyň ýanyna gitdi – diýdi. Onda melgun jadygöý:

– Gitse gitsin, biz-de bu ýerde ol gelýänçä Arzbegine nyşan (ýazgyly habar) ibereris[4]. Çünki ol-da bu gyza müşderidir[5]. Ol gelen badyna, goý, bu gyzy alsyn –

[1] Suj – günä.
[2] Mahbus – tussag.
[3] Garagyýtaz – atyň ady.
[4] Bu ýerde ýazgyly habar, hat ibereris manyda.
[5] Müşderi – hyrydar, alyjy.

diýdi. Melgun jadygöý bu sözi sözledi. Gördi, gyz bulary eşiden badyna Gambara beýan etdi. Gambar pygan etmäge başlady.

Gambar:

Bir öküzje ýetimem,
Bir mertje garybam.
Halym kime diýeýin,
Hiç kimim ýok garybam.

Arzy:

Ak üstüne gara, gör,
Bar-da başga çäre gör.
Men doga edeýin saňa,
Sen şaha ýalbara gör.

Daň namazy kylmadan,
Aduwlaryň[1] gülmeden,
Rüstem şahyna ýetiş,
Arzbegi gelmeden.

Has bakjaýa girelim,
Gunça güller tirelim.
Möwlam pursat bererse,
Dosta armagan[2] berelim.

Gambar:

Gül çöwresi har[3] olur,
Tirmesi müşgil hal[4] olur.
Ýat illere düşeniň,
Barmasy güýç hal olur.

Arzy:

---

[1] Aduwlar – duşmanlar.
[2] Armagan – sowgat-serpaý.
[3] Har – tiken.
[4] Hal – kyn.

Şu garşyky bakjalar,
Gunça güller tirerler.
Barasen beglere bar,
Arzyny saňa bererler.

Beýle bolsun kowlumyz[1]
Ýa ni  olar halymyz
Salam eýle beglere,
Olar biler halymyz.

Bar garybym işiňe,
Saglyk ile gelesiň.
Gözüm ýaşy döndi sile,
Saglyk ile gelesiň.

Gambar:

Giderem tozly ýola,
Düşerem gurbat ile.
Aşygyndan aýrylan
Däli diwana ola.

Şol zaman ýola rowana bolup gidip barýarka, Gambaryň ýoly Arzbegine uçrady. Onsoň Gambar birküç kelam beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Galdy, bardy bezarym[2]
Arzym munda syzaryn,
Arzbegi, men saňa,
Betdogalar edip gezerin.

---

[1] Kowl – söz.
[2] Bezarym – bu ýerde zaryny çekýänim manyda.

Bir begsiň, hökmüň ýörär,
Gullaryň diwana durar.
Jany jandan aýranlar,
Hak gaşyna neneň barar.

Bu guly ummana saldyň,
Jan Arzymy sen aldyň.
Bu dünýä baky degil,
Seni Möwlaýa saldym[1].

Men geldim, eý adyňa
El sundum suw-malyňa.
Dilärem bir Möwladan
Ermiýe sen myradyňa.

Gambar şeýle diýip, yzyna döndi. „Gal” diýip gördüler, galmady. Gide-gide Rüstem şanyň köşgüne ýetdi, gapysyndan içeri girip, şanyň huzuryna barmakçy boldy. Emma şanyň huzuryna girmäge goýmadylar. Gaýtam: „Eý, oglan neçün edepsizlik edýärsiň. Siziň ýaly müňlerçe arzy-halçylar bardyr. Siz giren badyňyza olar hem girmek islärler” diýip, içeri girmäge goýmadylar. Gambar diwanhanada seredip durka, şanyň sazçylary saz çalyp, aýdym aýdyp geçip barýardy. Gambar ony görüp, olaryň ýanlaryna sokuldy. Olar aýdym aýtmalaryny goýup duranyndan soňra, Gambar hem özi hakynda bir pasyl hiňlenme aýdyp ugrady. Şanyň gulagyna bir hoş owaz geldi. Şa: „Şu oglany getiriň” diýen badyna, hyzmatçylara emr edildi. Olar Gambary getirdiler. Ol şol zaman şanyň huzurynda şygra başlady.

Ýene boldy agşamlar,
Döner mejlisde janlar.
Sen sapadasyň, şahym,
Garyp nirde agşamlar.

---

[1] Bu ýerde seni Alla tabşyrdym diýen manyda.

Başymda döwlet olmaz,
Gözümiň ýaşy diňmez.
Halymy arz etmäge
Gullaryň izin[1] bermez.

Siziň-de döwlet olsa,
Gözümiň ýaşy diňse.
Garyba zulum olmazdy,
Sizde adalat olsa.

Jady garry janyma,
Görer meniň ganyma.
Imdat eýle, ependim,
Sen bu kemter guluňa.

Mejlisiň pür nur ola,
Duşmanlaryň uhur[2] ola,
Garyba merhemet kyl,
Ahyretiň magmur[3] ola.

Mynapyklar[4] çatdylar,
Maňa ikilik etdiler,
Iýsin, katl olsun diýip,
Guzyýa awy gatdylar.

Ýedi ýyldyz ýaraşdy,
Bir-birine garyşdy,

[1] Izn – rugsat.
[2] Uhur – ukuda
[3] Magmur – abat, abadan.
[4] Mynapyklar – ikiýüzliler.

Iýsem katl olar idim,
Arzym imdada ulaşdy.

Men dönerdim hyýala,
Kendim tutdy halala,
Wagdym[1] tamam eýledim,
Girelim hysba-hala.

Bir adyň gül-gülüstan,
Bir adyň bag ile bossan.
Arzym elden gidiýor,
Imdada geldim heman.

Rüstem taýlarda durar,
Taýlar Nehiň ýaýlasyn ýaýlar.
Meniň garyp oldugym,
Çün Arzyny alalym diýler.

Bu daglar dagymdyr meniň,
Gam ortagymdyr meniň.
Söýlesem gan aglaram
Ýaman çagymdyr meniň.

Men elem ede geldim,
Ahy-perýada geldim.
Arzym elden gideýor,
Men saňa imdada geldim.

[1] Wagdym – sözüm.

Aradym, seni buldum,
Perýady-zary kyldym.
Senden bitmese işim,
Uly dergähe kyldym.

Gambar bu sözüni tamam eden badyna, hüňkär[1] eline ýaglygyny alyp aglady. Şa öz huzuryndaky ähli kişiniň gaşynda:

– Ýöne, ýigit şa huzurynda bir beýt aýt, içinde üç at bolsun. Ahyretden ne söýleseň söýle. Üç ady bir beýtde diýip bilseň, Arzy bikäni saňa alyp bereýin – diýdi. Ol şeýle diýen badyna Gambar şygra başlady:

Lutfy-yhsan eýle,
Derdime derman eýle.
Jellat diýip, meni ursaň,
Babaňa perman eýle.

Hak Settarul – uýupdyr,
Syry söýlemek aýypdyr.
Ýarym Arzy men Gambar
Babasy Burgaýypdyr.

Melekler usuldadyr,
Kimi sagda, kimi soldadyr.
Egletme, gönder şahym,
Arzymyň gözi ýoldadyr.

Gambar bu şygry aýdyp gutarandan soň şa:

– Eý, Nehiň begleri we serkerdeleri! Bu ýigit her herhaçan gitse, bile gidip, üýşmeleň edip, jemgyýet bilen dügün[1] edip, akdy-nika edip, Arzyny şuňa berersiňiz.

---

[1] Hüňkär – patyşa.

Her kim muhalyfet ederse[2] özüni ýok bilsin – diýip, hut özi mübärek hat-perman ýazdyrdy. Gambara biraz altyn berip, „Bizi haýry-dogada unutma” diýdiler.

Gambar birnäçe gapyçylar bilen Nehiň welaýatyna rowana boldy. Gele-gele iki sagatdan soň, bir köýe[3] geldiler. Köýüň gözegçisini tapyp, sowal berip: „Burgaýyp sypahynyň saraýy bu ýerden näçe menzildir? Bu gün dügün gijesimidir? Bir usul bilen habar alyp gel” diýdiler. Kemýa[4] şäheriň gyrasyna gelip görse, şäheriň içi maşýallar[5] bilen röwşen bolupdyr. Ähli halk gam-gussada. Iki eglip salam berip, Burgaýyp sypahynyň huzuryna bardy. Burgaýyp sypahy:

– Eý Kemýa! Beýle gelmäniň sebäbi nedir? – diýdi. Onda Kemýa:

– Soltanym kyrk gapyçy bilen gelýändir – diýende:

– Eý, ýalançy Kemýa – diýip, oňa üç ýüz gamçy urdurdy. Soňra bular eden işlerine puşman etdiler, şadan gorkdular hem-de: ”Eger geläýse, engam we yhsan edeliň, günämizi geçsin, ötünç diläliň” diýdiler.

Kemýanyň aýaklary çişip, kynçylyk bilen öýüne gelip saklandy, görünmedi.

Onsoň Gambar:

– Eýsem, gullar näme derde duşdularka? Neçün bu Kemýa gelmedi? – diýip, gapyçylar bilen şähere ýakyn geldi.

Mekir Burgaýyp sypahy bu işi duýup, garry jadygöýi çagyrdy. Mekir jadygöý:

– Eý, soltanym, elem çekme. Maňa izin ber, olary dep etmek bir işmidir. Eger isleseň, kimisini ýere sokaýyn, kimisini bolsa göge uçuraýyn – diýdi. Soňra ýene-de:

– Eger şeýtsem maňa engam we yhsan edermiň? – diýende Burgaýyp sypahy:

– Her näme dileseň, saňa bererin – diýdi. Onsoň mekejin jadygöý Burgaýyp şypaha:

– Maşýallary we panuslary[6] söndüriň. Gazanlary döküň. Jemagaty dargadyp, ählisini ýok ediň – diýdi. Soňra mekir jadygöý jady üçin halaýygy huzuryna çagyryp:

---

[1] Dügün – toý.
[2] Muhalyfet etmek – garşylyk bildirmek.
[3] Köý – oba.
[4] Kemýa – garawulyň ady bolsa gerek.
[5] Maşýal – şem.
[6] Panus – çyra

– Gyzlar, maňa tiz bir mukdar ýuka çörek, bir mukdar halwa bişiriň, bir mukdar sogan häzir ediň – diýdi. Şolbada ýuka çörek bilen halwany alyp, Gambaryň geljek ýolunyň üstünde oturdy. Sogany gözlerine sürtdi. Myrtar gözlerinden ýaş akdyryp otyrka, Gambar muny görüp, onuň ýanyna gelip:

– Eý, garry, näme üçin aglar sen?– diýdi. Onda ol:

– Neçün aglamaýyn. Arzy gyz dünýäden ötdi. Onuň ruhy üçin bu ýukalary üç gün bäri dargadýaryn we ol gyz üçin aglaýaryn – diýdi. Gambaryň Arzynyň öldi habaryny eşidende akyly başyndan gitdi. Jadygöý ýene-de jadylyk edip, bir zaman „haý, waý” diýenden soňra:

– Hudaýyň emri şeýledir-dä – diýdi. Gambar:

– Arzynyň gabryny maňa görkez, bir ýasyny-şerip[1] okaýyn – diýdi. Ol nälet siňen gelip, br täze mazary görkezip, Arzynyň mazary diýip tanatdy.

Gambar ol jadygöý sebäpli dünýä höwesi başyndan uçup, mazaryň üstünde ýykylyp galdy. Gapyçylar hem gelip, Gambary mazaryň üstünden galdyryp, akyl-huşuny başyna getirdiler. Gambar bolup geçýän ahwaly olara beýan etdi. Gapyçy başy:

– Hany, hoş bolgaý, habar bir alalyň. Şähere girip, häkimiň huzuryna baralyň – diýdi. Gambar hem jady sebäpli: „Şeýle, şeýle, bu zatlar Hudaýyň emridir-dä” diýip, bu adamlary yzyna dolap, özi ýene-de mazaryň üstüne gelip ýatdy, akyly başyndan gitdi. Gapyçylar hem muny maslahat görmän: „Şaha habar bereliň. Bize gahar eder. Gambary bäri getireliň-de aman bolalyň” diýip, geňeş etdiler. Soňra: „Eger Gambar ölse, onuň ölüsini, diri bolsa özüni alyp gitmek gerek” diýip, ony ata ýükläp, gidip barýarkalar, Gambar özüne gelip: „Yza döneýin” diýdi. Emma göýbermediler, ony alyp gitdiler.

Bolan ahwaly Rüstem şaha bildirdiler. Ol hem: „Haý, waý, bu ýigit myradyna ýetmedi. Gowusy muny bu ýerde öýereýin. Meniň ýanymda önüp-össün” diýip, Gambara garap:

– Eý, Gambar, Alla sizlere ömür bersin. Meniň üç gyzym bar. Birisini saňa bereýin. Meniň gaşymda „tussag” bolmarsyň – diýdi. Gambar hem:

[1] Ýasyny-şerip – Ýasyn süresi.

– Şahym, meniň ähdim bardyr – diýdi. Ol:

– Ähdiň nedir? – diýende, Gambar bilezigi çykaryp, onuň öňünde goýdy. Şa hem bu bilezigi aldy. Gambar:

– Äht eýledim, men indi bu bilezigi dakmaryn. Men Mejnun kibi gelip geçerin – diýdi. Bu sözüni tekrarlap ýene-de aýtdy.

Patyşa bilezigi alyp, uly gyzynyň eline dakdy, bolmady. Ortanjy gyzynyň eline dakdy, bolmady. Kiçi gyzynyň eline dakdy, bolmady. Şol zaman Gambary çagyryp, hylwatda edip saklap:

– Alla, Alla, bu bilezik gyzlarymyň hiç birine bolmady – diýdi. Gambar:

– Eý, şahym, bu bilezik Arzynyňkydyr. Onuň bilen: „Hiç kimi almaryn, hiç kime barmaryn” diýen ähdimiz bardyr. Ol bilezik hiç kime bolmaz. Kimsine kiçi bolar, kimisine uly bolar – diýdi. Onsoň şa şäheriň ähli gyzlaryny jemläp:

– Şu bilezik haýsy gyzyň eline bolsa, ony şu ýigide bererin – diýdi. Gyzlar üýşdüler. Emma bilezik hiç bir gyzyň eline bolmady. Şa geň galyp:

– Bolmasa bolmasyn, gowusy kiçi gyzymy muňa bereýin – diýip, dügüne başlady. Gambar hem: „Bolmaz” diýmedi. Şa kyrk gün, kyrk gije toý edip, kiçi gyzyny nikalap, Gambara berdi. Agşam bolanda jaýa girizip, goýdular-da gitdiler. Gije ortalyk hal[1] bolýança saklandy. Gije ortalyk hal bolanda Gambar ahyrdan Garakytany[2] eýerläp münüp, gaçdy. Gyz bilen hiç hili aşnalyk eýlemedi. „Mundan beýläk maňa öýlenmek mümkin däldir. Gowusy Arzynyň gabryny ýene bir gezek zyýarat edeýin. Şondan soň derwüş bolup, älemi seýran edeýin diýip, ýola rowana boldy. Ýene-de Nehiň welaýatyna gelip, şäheriň ýanyna ýakyn gelip görse, şäheriň daşynda bir derwüş oturan eken. Gambar onuň ýanyna gelip, salam berdi hem-de:

– Eý, derwüş, meniň myradym derwüşlikdir. Şu şu kumaşlary[3] saňa bereýin. Sen hem derwüşlik esbaplaryňy maňa ber – diýdi.

Derwüş razy bolup, lybaslaryny degşirdiler. Gambar lybaslary egnine sokup, bir derwüş boldy. Şäheriň içine girip, görse, bir şadyýanlyk bar. Her kim gelip raks

---

[1] Gije ortalyk hal – ýarygije.
[2] Garakyta – at ady.
[3] Kumaş – lybas

oýnaýar. Gambar gezip ýörkä, bir garry kempire duçar boldy. Gambar ol garry kempirden bu şagalaňyň sebäbini sorady. Ol hem:

– Burgaýyp sypahynyň gyzy Arzy gyz gelin bolýar. Bu gün toý gijesidir – diýende, Gambar bu zatlary mekir jadygöýüň edendigini bildi. Garry kempire:

– Bu gün meni mysapyr[1] eýle – diýdi. Onda ol:

– Meniň atyňa we özüňe ýerim ýokdur – diýdi. Gambar hem:

– Men şahyrlardandyryn. Agşam seniň bilen toý gijesine gideris. Saz çalyp, aýdym aýdaryn. Ýygnanan akjalary[2] saňa bereýin – diýdi. Arwat[3] razy bolup, Gambary mysapyr eýledi. Agşam bolanda bular toý gijesine bardylar. „Derwüş” gyzlaryň içinde Arzyny görüp, beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Eýerlenmiş has atlar,
Uly ýollarda beklär.[4]
Arzym elden gider olmuş,
Şütürisne[5] çekilmiş ýükler.

Arzy:

Jismim çemmerim geldi,
Emseň anbarym geldi.
„Gözüň aýdyň” diýiň gyzlar,
Maňa Gambarym geldi.

Şu abdalyň[6] gandyna,
Gyz bent eýledi bendine.
Söýleme a gelin sen,
Illeriň adamyna.

---

[1] Mysapyr – myhman.
[2] Akja – pul
[3] Arwat – aýal, garry kempir.
[4] Beklemek – garaşmak.
[5] Şütür – düýe
[6] Abdal –derwüş

Gambar:

Gülli, bakjaly bagyn,
Gutsuz[1], gadamsyz dügün.
Arzym gider olmasaň,
Aýrylyk güni bu gün.

Arzy:

Garşydan gelen adam,
Lebleri şeker adam.
Men seni şaha ýolladym,
Hany şadan bir adam?

Gambar:

Rüstem şahyna bardym,
Haty humaýun[2] aldym,
Beýle olmuşdyr diýip,
Erişdim[3]salama geldim.

Gambar:

Men şaha bardym idi,
Permanlar aldym idi.
Jady garrydan oldy,
Men seni buldum idi.

Jady ýoluma geçdi,
Çöwürdi, öňümi aldy.
Ah, dinim-imanym Arzy
Gelen imdatçy[4] döndi.

Biz aldandyk alyna,
Zeňňär kibi diline.

---

[1] Gut – bagt.
[2] Haty humaýun  – mübärek hat, perman.
[3] Erişmek – eşitmek.
[4] Imdatçy – kömekçi.

Betdogalar ederem,
Taňry bersin ýoluna.

Eý, garry, jady garry,
Kesilsin ömrüň bary.
Ýoluňa Alla bersin
Boz gurt kimi ölümi.

Rowana garry jady,
Köp kyldym ahy-zary.
Ahyretde iman bulma,
Jähennemde ýan, ýöri.

Şol zaman Arzbeginden gelen adamlar ileri ýörediler. Gambar ýene beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Geldi Arzy uşagyň,
Gutly olsun düşegiň.
Bir Möwlamdan dilärem,
Men guşadym guşagyň.

Sera-serden[1] düşegiň,
Has[2] altyndan guşagyň.
Dilärem Bary Hudadan,
Çok olsun ogul-uşagyň.

Arzy:

Sera-serden düşegim,
Has altyndan guşagym.

[1] Sera-ser – başdan aýak.
[2] Has – sap.

Söýgüli ýardan aýrylan
Neýlesin ogly-uşagy.

Eý, sapa ýaranlary, şol wagt gyzlar daşyna egeleşip, Arzyny çykardylar. Şolbada Gambar iri-iri daşlar getirip, diwaryň düýbüne ördi we diwaryň üzerine üstüne çykdy. Arzy gyz hem pursat tapyp güýç bile diwaryň üstüne bökdi. Gambar hem onuň elinden tutdy. Şol mahal ýaňky örülen daşlar ýykyldy. Gambar elini sykynyp[1] yzyna gaýtdy. Arzy beýt aýtmaga başlady.

Gyrmyzy gül isermi[2]?
Aşyk ýarym basarmy?
Bir bakmakdan ötüri,
Dost dostundan küsermi?

Arap atym esermi?
Gara bagrym kesermi?
Pyçak beriň, aý, gyzlar,
Arzy barmagyn kesermi?

Onýança hem daň atdy. Hiç bir çäre edip bilmediler. Baryp ertir namazyny okadylar. Gambar eline tüýdük aldy, birki gezek çaldy. Arasynda beýtler aýtdy. Adamlar mes boldular. Aýdym-saz Burgaýyp sypahynyň hem gulagyna hoş geldi. Onsoň: „Şol abdaly bärik getiriň” diýdi. Şolbada abdaly getirdiler. Burgaýyp sypahy:

– Eý abdal, menden näme dilär bolsaň dile – diýdi. Abdal bir güldi. Burgaýyp sypahy:

– Eý, abdal, näme üçin güldüň? – diýdi. Abdal:

[1] Sykynmak – döwdürmek.
[2] Isermi – islenmezmi manyda.

– Ne näme üçin gülmäýin?! Seni we meni ýokdan bar eden Hudaýdan dileýärin. Senden dilesem boşdur. Sözüm geçmez – diýdi. Burgaýyp sypahy:

– Gowusy sözle – diýdi.

– Bu gün ata münüp, Arzy gyzyň atyny men ideýin – diýdi. Şol bada Burgaýyp sypahy gaharlanyp, onuň ýeňsesine bir şarpyk urdy. Abdal:

– Men şony diledim, bir at mündürseň? – diýende söhbetdäkiler:

– Indi bir at mündürmese neneňsi bolar?! – diýdiler. Burgaýyp sypahy:

– Neçün mündüreýin?! Onuň sözi mübärek permanmy?! – diýdi. Söhbetdäkiler:

– Eý, döwletli, her gijäni gadyr bil, her kişini Hydyr bil – diýdiler. Burgaýyp sypahy:

– Bu hetden aşdy. Duran ýerinden sypdyrmaň. Bolmasa ýene-de gelip „Atyny men ideýin diýer” – diýdi.

Sazçylar gelip tebiller çalyp, depler kakdylar. Alaýlar[1] meýdana çykdylar. Şol aralykda gezip ýörkäler: „Agşam gelen abdal abdal däl eken, Gambar eken” diýip, habar berdiler. Ählisi muny bildiler. Muny Burgaýyp sypahy-da bildi. Ol:

– Eý, çawuşlar[2], çagyryň mähterleri,[3] at gelsin – diýdi. Şol zaman toý atyny getirdiler. Emma ol at hiç kimi ýanyna ýakynlaşdyrmady. „Bu at ajamydyr” diýip, ahyra girip, başga atlardan birküç at getirdiler. Ol atlar hem öňüne geleni gapyp, ardyna geleni depip, hiç kimi ýanyna ýakynlaşdyrmady. Toýa gelen märeke ol şäherde näçe at bar bolsa, baryny getirdiler. Atlaryň ählisi-de şeýle etdi. Burgaýyp, mekir jadygöý we toý halky ählisi ejiz galyp, näme ederini bilmediler. Şol wagt söhbetdäkiler, Burgaýybyň ýaranlary:

– Şol Gambary tapyň. Söz sagadyna geldi,[4] gaýry bolmaz. Başga çäre ýokdur. Bir Gambaryň munça adamyň içinden alyp gaçmaga gaýraty bolmaz. Şeýle-de ol garyndaşy ýalydyr. Goý, atyny Gambar iýtsin – diýdiler. Ählisi muny makul görüp, Gambary gözlediler. Ol şol gije myhman bolan öýünde eken. Gaýta-gaýta adam gönderip, ony getirdiler. Gambar hem atyny alyp, toý halkynyň içine bardy. „Çäre

[1] Alaýlar – gelnalyjylar.
[2] Çawuş – habarçy.
[3] Mähterler – seýis, ata serdýän adam.
[4] Söz sagadyna geldi – bu ýerde onuň aýdany boldy manyda.

ýokdur, sen atyňa mündür” diýdiler. Ýaňadandan depler çalnyp, ýaňadan toý halky birigip, toý atyny getirdiler.

Gambar:

– Arzyny bu ata mündürmezmen. Meniň öz atymy getiriň, oňa mündüreliň – diýende Garakaýtazy getirdiler. Şol zaman Gambar beýt aýtmaga başlady:

Agardyr meňzim meniň,
Galmady gitdi takadym.
Arzym gelin olupdyr,
Bili ber, eý, düldül atym.

Arzymyň gitdigi aldyr
Iki lebleri baldyr.
Arzym üstüňe münýär,
Aglapgöter düldül.

Şum pelegiň işine,
Awy gatdy aşyma.
Atym gözleriň öpeýin,
Ýanaş münüt daşyma.[1]

Şol zaman Arzyny ata mündürip, Gambar aty iýdip barýarka, Arzy Gambara beýt aýtmaga başlady.

Arzy:

Ýigit Gambar, has Gambar,
Biziň illere ýas, Gambar.
Hakyň emri beýledir,
Gel, üzeňňiýe bas, Gambar.

Gambar:

[1] Münüt daş – ata münmek üçin goýulýan daş.

Alynyma gumy basam,
Bagryma daşlar basam.
Hakyň emri beýledir,
Arzym üzeňňä basaýyn.

Eý, diwana bezginler,
Çöwre ýany düzgünler.
Arzymyň hynaly elin,
Ynjytmaň dyzgynlar.

Eý, jikgiler, jikgiler,
Esrar etmiş beňňiler.
Arzymyň ak topugyn
Sykdyrmaň üzeňňiler.

Arzy:

Öýde uýuk[1] Gambarym,
Dagda ýigit Gambarym.
Arzy senden ölünçä
Galmaz, ýigit Gambarym.

Gambar:

Arzym aryň ösdürme,
Gara bagrym kesdirme,
Çek Düldüliň başyny.
Ökjejigim basdyrma.

Arzy:

Gambar, atym ösdürmen,
Gara bagrym kesdirmen,
Elem çekme, Gambarym,
Ökjejigiň basdyrmam.

[1] Uýuk – ukuda.

Gambar:

Dyzgyny[1] çek eliňden
Jigerim ýandy dünýeden.
Sen kakanda, jan Arzym,
Tabogym[2] doldy gandan.

Arzy:

Açylan gülleriň tireýin,
Hesretli bagrym dileýin.
Elem çekme jan Gambar,
Goluň boýna saraýyn.

Gambar:

Ýel öser gum sowrular,
Jahan başyma çöwrüler.
Egil, birjik kokaýyn,[3]
Şimdi ýolum aýrylar.

Arzy:

Ýel ösüp gum sowrulmaz,
Jahan başyňa çöwrülmez.
Ýarym ne tiz usandyň?[4]
Dahy ýoluň aýrylmaz.

Mündügim atlar dory,
Gitdigim Arz begi.
Meni niçe kokar sen,
Ýanymdakylar görer.

Gambar:

---

[1] Dyzgyn –uýan.
[2] Tabok – köwüş.
[3] Kokaýyn – ysgaýyn.
[4] Usanmak –gyssanmak.

Mündügiň atlar dory olsun,
Gitdigiň Arz begi ölsün.
Dilärem bir Möwlamdan,
Beg gözi kör olsun.

Muny eşiden Arzy gyz beýt aýtmaga başlady.

Etme, Gambarym, etme,
Arzyny ilde täk etme,
Ölünçäm seni unutmam,
Sen-de meni unutma.

Ne ola aşyk, ne ola sen,
Meni araýyp bulasen.
Gitdigiň uzak ýollar,
Gambar, hoşja gelesen.

Gambar:

Garyp, garyp galaýyn,
Ýas donlaryn geýeýin,
Arzym, bar saglyk ile,
Bir gün möhlet bereýin.

Arzy:

Ah, edip bilim bükme,
Tükürdigiňi ýuwutma.
Ygtykatly Gambar iseň,
Duz-etmegi unutma.

Gambar:

Uzakdyr, baryşylmaz,
Aşyklyk ýaryşylmaz,

Nikah gaýryýa düşdi,
Hikmete garyşylmaz.

Düldül atyň dory olsun,
Uzak, ýakyn bir olsun.
Ah, dinim-imanym Arzy,
Bar, mekan gutly olsun.

Arzy:

Hakykatda bil meni,
Medh[1] eýlesin dil seni.
Hakykatly ýar iseň,
Nur ilinde bul meni.

Gambar:

Pelek ile ýaryşam,
Aşyk atasyna duşam.
Möwlam pursat bererse,
Arzym saňa gowuşam.

Meniň serim saňa pida
Bu imiş emri – Huda,
Hak senden hoşnut olsun,
Bar, Arzy elwidaga[2].

Ol zaman Gambar Arzyny atdan inderip:

– Eý, ýaranlar, şu ýere çenli getirdim. Indi rugsat beriň – diýip, Arzy bilen hoşlaşyp, Garakyýtana münüp, aglap, ýola rowana bolup gitdi. Arzyny ilçiler[3] alyp, Nur iline gitdiler. Arzyny getirip, haremsaraýa gondurdylar. Agşam bolup, girmek islenilende, Arzy özüni bir ýere atyp gizlendi. Beg ony güýç bilen çykardy. Arzy:

---

[1] Medh –öwgi.
[2] Elwidag –hoş, sag bol.
[3] Ilçiler – bu ýerde gudalar manyda.

– Men seni islemeýärin – diýdi. Ol şeýle diýenden beg gazaba münüp, hanjary Arzynyň gursagyna uraýyn diýende, gykylyga gelen adamlar begi güýç bilen aýryp, daşary çykardylar. Soňra „Arza teselli beriň” diýip, kyrk sany gyz gönderdiler. Gyzlar baryp, gürleşip gördüler. Bolmady. Ol:

– Heran-haçan girip, myrat edäýse, men özümi heläk ederin. Olara aýdyň, gyzlar, meniň kyrk gün ýasym bardyr. Kyrk gün ýasymy tamam edeýin. Ondan soňra girse, myrady hasyl bolar – diýdi. Beg hem dellallara:

– Her bir kişi gara geýinsin, gara baglansyn. Arzynyň ýasy bardyr – diýip, aýtdyrdy.

Arzy gara geýip, gara baglap, kyrk gyz bilen her gün ýas tutýardy.

Dertment Gambar daglarda aglap gezip ýörkä, gide-gide bir şähere bardy. Ol ýerde bir dükana baryp, odur-budur aldy. Soňra Garakaýtar bilen bazaryň içinden gidip barýarka, bir boýagçy dükanyna uçrady. Gambar dürli-dürli boýalan zatlary görüp, boýagça: „Bulary sen boýadyňmy?” diýdi. Soňra ýene-de „Gel, meni-de boýa” diýip, atyny we özüni başyndan-aýagyna çenli boýatdy. Boýanyň ysyna şäheriň oglan-uşagy daş-töweregine üýşdi. Onsoň Gambar harlyk bilen geze-geze reňklerini guratdy.

Gidip barýarka, ýolda bir bakja uçrady. Garakaýtar topulyp, diwary ýykyp, bakja girdi. Gambar bir agajyň düýbünde oturdy. Soňra özi hakynda beýt söýläp aglap durka, ony bir oglanjyk görüp, bakjanyň eýesine habar berdi. Ol adam gelip:

– Bu ýerde ne işlär sen?! Bu diwary neçün ýykdyň? – diýip, Gambary urdy. Gambar hiç gaharlanmady.

Ol adamyň elinde kyrk batman gelýän bir pili bardy. Ol ony Gambara howala eýledi. Gambar şol bada ony onuň elinden alyp, daşary atdy. Ol adam Gambary beýle ärlikde görende: „Bu maňa örän gerekli giýewi eken” diýip, tiz öýüne geldi. Bu adamyň kyrk sany gyzy bardy. Özem ol adam örän pälwandy. Dürli ýerlerden gelip, gyzlaryny näçe dileseler-de bermezdi. Ol adam öýüne gelip:

– Gyzlarym, biziň bakjamyza bir ýigit geldi. Eger ol ýigit haýsyňyzy gowy görse, şol biriňizi oňa bereýin berjekdirin – diýdi. Ol şeýle diýdi-de, şol bada gyzlaryny yzyna tirkäp, bakja geldi. Gyzlar ýigidi görüp, beýt söýlemäge başlady.

Gyzlar:

Sen hüňkärsiň, sen wezir,
Seni gönderdi Hyzyr.
Gadyr gijesi dogsaň,
Kyrk gyz saňa intizar.

Aýa bak, ýyldyza bak,
Garşydaky gyza bak,
Jemimiz saňa geldik,
Başyň galdyr bize bak.

Gambar:

Altyňyzyň ýüzüňiz ak,
Gyzlar heman gülmäňiz çok.
Edepsiz söz söýlemäň
Menden size peýda ýok.

Gyzlar:

Bu ýaşyl elliler,
Öňümde hyýallylar.
Hassa jana şypadyr,
Bu lebleri ballylar.

Gambar:

Garşyda elli dursaň,
Al, sekiz elli dursaň
Köňül bir allyda, gyzlar
Islese müň elli dursaň.

Gyzlar:

Patma diýr adym meniň,
Çokdur ijadym[1] meniň,

[1] Ijad – hünär, näz.

Balda, şekerde ýokdur,

Lezzetim, dadym meniň.

Gambar:

Patma diýr adyň seniň

Çokdur ijadyň seniň

Kime nesip olursaň,

O bilsin dadyň seniň.

Gyzlar:

Äşe diýr adym meniň,

Jeminden men hanym.

Içlerinden al meni,

Bellidir dadym meniň.

Gambar:

Aşe diýr adyň seniň,

Bellidir dadyň seniň

Ýalbar Gözel Allaga

Kysmatyň bersin seniň.

Gyzlar:

Meniň adym Hawwadyr,

Saňa janym rowadyr.

Gel, ýigidim al meni,

Hem dertlere dowadyr.

Gambar:

Hawwadyr adyň seniň,

Dogaň dowadyr seniň.

..................................

.................................. [1]

[1] Bu ýerdäki iki setir orginalda ýok.

Işim, adym ne biler?
Yşk binýadyn ne biler?
Şowklukda ola ýigit
Gözel dadyn ne biler?

Gambar:

Arkaňy berdigiň gapa
Sejde edersen oda.
Belli, ýok edepsizlik,
Ýürekde ýokdur haýa.

Gyzlar:

Habar diňle, Häkimeden,
Gör, ne söýlär hikmetden.
Sözüňizi sak söýläň,
Ne bar häzir ýakmadan.

Gambar:

Namyň-la älem dola,
Duşmanlaryň jora ola,
Eý, Häkime atly gyz,
Hak senden hoşnut ola.

Gyzlar:

Gülli diýrler adyma,
Mündüm hyýal atyna.
Däli-diwana oldum,
Men baraýyn gaşyňa.

Gambar:

Gülli diýrler adyňa
Mündüň hyýal atyňa,
Alla emr eýlemedi,
Gelme, meniň gaşyma.

Gyzlar:

Meniň adym Urkyýa,
Seýrim goýdum Türkiýä.
Meni bileje göter,
Daýanyram gorkuýa.

Şol zaman Gambaryň haly Urukyýanyň tarapyndan örän harap bolup, her sözüne beýt aýtdy. Onsoň Gambaryň esgi ýaralary sökülip, gözlerinden ýaş çykdy. Onsoň: „Men seni äkiderdim. Emma Arzynyň göwni galar" diýdi. Gambar tekrar-tekrar beýt başlady.

Gambar:

Bu mülküň eýesi Hakdyr,
Gözüm daly garakdyr.
At bir, adam iki – Arzy,
Gitme, menzilim yrakdyr.

Urukyýa:

Bir ykrardyr ederem,
Tä ölinçä giderem.
Sen atyňdan aýrylma,
Men ýaýynja[1] giderem.

Gambar:

Däli olmuş beňňiler,
................. [2] olar,
Men seni göterem, emma,
Arzymyň köňli galar.

Urukyýa:

Beňňi degilem aýyk,
Nem[3] barsyzlara laýyk.

---

[1] Ýaýynja – pyýada.
[2] Şu ýerdäki sözi oakap bolmady.
[3] Nem – däldirin.

Arzy seniň, sen onuň,
Men sizlere halaýyk.

Gambar:

Gam ile söwdalandym,
Garalary baglandym.
Köňül ummana taldy[1],
Men Arzyýa dolandym.

Urukyýa:

Bildim ki gamyň bardyr,
Gamy-elemiň bardyr.
Içimizde ise diýiber,
Ýa seniň kimiň bardyr?

Gambar:

Sypahy Arzym bardyr,
Tükenmez sözüm bardyr.
Doga ediň gowuşam,
Meniň bir Arzym bardyr.

Urukyýa:

Ýeke-le köňül gamdadyr,
Iki gözüm nemdedir,
Eýse söýle ýigidim,
Seniň Arzyň nirdedir?

Gambar:

Nur iline baraýyn,
Ykraryma duraýyn,
Izin beriň, aý, gyzlar,
Jan Arzymy bulaýyn.

---

[1] Taldy –gark boldy.

Yşkle köňül hastadyr,
Şükür dilegim – bestedir[1].
Janym Arzym meň üçin,
Nur ilinde ýasdadyr.

Urukyýa:

Diňledim perýadyňy,
Bildim men ijadyňy
Belki, ýoldaş olaryn,
Nedir diý bir adyňy.

Gambar:

Mährap münberim meniň,
Müşki-anbarym meniň.
Arzysy daşda galmyş,
Ah eden Gambaram menem.

Urukyýa:

Gambar diýer adyňa,
Aperin ussadyňa.
Meni bileje göter,
Ýetersiň myradyňa.

Agyr ýükler göteren,
Hatar köňül beladan.
Sizler zowky-sapada,
Men işleri bitiren.

Gambar:

Agyr ýükler göterersiň,
Hatar köňül bitirersiň.
Sen iliňden aýrylma,
Hak hatyryňy ýapsyn.[1]

---

[1] Beste – ýapyk, bagly, daňylgy.

Urukyýa:

Şu elemden seç[2] meni,
Mundan al-da gaç meni.
Nirde ajalym ýeterse,
Depn et-de geç meni.

Gambar:

Dilärem, han ola sen,
Dünýä soltan ola sen
Gurduň haly müşgil,
Belki, puşman olasyň.

Urukyýa:

Atyň, donuň garadyr,
Möwlam neler ýarady:r?
Gambar, sen bir habar ber,
Öz mekanyň niredir?

Gambar:

Atym, donum garadyr,
Allam neler ýarady:r?
Öz mekanym sorarsaň,
Ilim, adym sawardyr (?).

Bil, Arzy desse güldür,
Pany dünýä aldadyr.
Meniň üçin Arzymyň
Ala gözi ýoldadyr.

Uly bakja aruşan,(?)
Däli köňül perişan.

---

[1] Köňül arzuwyňy bitirsin manyda.
[2] Seç – aýyr manyda.

Siz doga ediň, aý, gyzlar,
Men Arzyma gowuşam.

Eý, sapa ýaranlary! Gambar derhal Garakyýtara atlanyp, bir bahana bilen Urykyýanyň elinden zor bilen gutuldy. Urykyýa hem onuň yzyndan biraz gitdi. Emma ýetip bilmän, aglap yzyna döndi. Bu bolsa, Gambaryň dertlerini täzeledi. Gambar aglaý-aglaý ýola düşdi. Gide-gide günlerde bir gün Araz suwuna ýetişdi. Onsoň Gambar: „Örän ajap, meniň Arzym bu diýarlardadyr. Emma niredekä diýip, suwuň kenarynda aýlanyp gezip ýörkä: „Bir adam tapyp ondan sorap göreýin” diýip oýlandy. Şol wagt görse, suwuň ol ýakasynda gezip ýören bir topar erkekler, aýallar we çagalar ählisi gara geýipdirler. Gambar „Bu ne hikmetdir?” diýip, pikir edip, suwuň kenarynda aýlanyp ýördi. Şol wagt daň atdy. Gambar hem aşaga tarap gitdi. Bir bakja gördi. Bakjanyň garşysyna geçip, seredip otyrka, Arzy kyrk gyzlaryň ýanyndan ýalňyz galkyp turup, bakja bardy. Säher wagty bolanda möhleti we ýasy tamam bolýardy. Arzy „Ajap, Gambarym gelmedi” diýip, efgan edip, gezip ýörkä, garşyda oturan Gambar Arzyny görüp, ony tanady. Emma Gambaryň aty we özi gap-gara bolandygyndan Arzy ony tanamady. Olar biri-birlerine köp beýtler sözleşdiler. Gambar tekrarlap aýan etdi, emma gara bolandygy sebäpli, Arzynyň gaýgysy ýatmazdy. Olar biri-birlerine garşy-garşy çok beýtler söýlediler.

Ýalňyz seýrana çyka sen,
Pikr edip ardyňa baka sen.
Bildiň halyndan aşygyň
Aşygy otlara ýaka sen.

Gelin, garakçy gelin,
Sökdüň ýaramy gelin.
Eý, seni söýer ýigitler
Söýer mämäňi gelin.

Gambar üç beýt aýtsa-da, bu wagt Arzy hiç zat sözlemedi. Düşünjek bolup: „Geň zat, maňa söz atýan bu arap edil Gambara meňzär. Emma garadyr. Gowusy men-de oňa birki söz sözläýin. Belki, Gambardyr. Bilmese, beýle söz atmaz. Bu ýigit Gambara meňzeýär" diýip, beýt aýtmaga başlady.

Arzy:

Has bakjanyň içine
Girdim güller tirmäge.
Uly ýollar gözlärin
Dosta armagan[1] bermäge.

Garadyr atyň, başyň,
Dahy giçdir ýaşyň?
Ýaňy aýryldyňmy ýaryňdan?
Ýogsa öldümi ýoldaşyň?

Gambar:

Garadyr atym, başym,
Dahy gençdir[2] ýaşym.
Ýaňy aýryldym ýardan,
Ýok öldügi gardaşym.

Galdy kerwensaraýy,
Geldim ony araýy.[3]
Akar diliňden ballar,
Neçün geýdiň garaýy.

Eşitdigim hem kendiňden[4]
Ýat olmuşsyň erkiňden.

[1] Armagan – sowgat.
[2] Genç –ýaş.
[3] Araýy – gözläp.
[4] Kendiňden – özüňden.

Gelin, saňa ne geler,
Garalary geýmegiňden.

Ähtden umydym hany?
Gözümden akan gany.
Ynsandan wepa gelmez,
Ötündiňmi[1] sen meni.

Mejnun kibi ölene,
Ilinden aýrylana,
Sen hoş etme, eý, gelin,
Garalary geýene.

Mynapyklar gülmesin,
Derde derman bulmasyn.
Ne söýlärem bilmezem,
Hatyrjemiň galmasyn.

Şol zaman Arzy uzur diläp:

– Eý ýigit, Gambaryň söwdasy bilen ne söýledigimi bilmerin. Seniň hatyrjemiň galmasyn. Sen hem esgi ýaralary açdyň. Meni örän şer eýlediň, utandyrdyň – diýip, Arzy üç gezek beýt aýtmaga başlady.

Hutbaçy çykar münbere,
Tutar müşki-anbara.
Nur ilinde gowuşam,
Ähdim ile Gambara.

Galdym Arz arasynda,
Iki jahan belasynda,

[1] Ötünmek – unutmak.

Ýitirdim, ýary araýam,
Bahanamyz niresinde.

Şol wagt Gambar Arza garap beýt aýtmaga başlady.

Kendiňi mest etmişsiň,
Gördüm ki, kast etmişsiň.
Hakykatly ýar imişsiň
Gambary dost etmişsiň.

Aman, Allahym aman,
Köňlüme düşdi güman,
Ýat ilde ýarym bar,
Aman, eliňden aman.

Arzy:

Kendimi mest etmişem,
Körem ki kast etmişem,
Ykrar etdim Gambara
Nur ilinde gowuşmam.

Şol pursat biraz Gambardyr Arzy pähim edip ýene beýt aýtmaga başlady. Arzy:

Atyň, donuň garaly,
Öksüz synaň ýaraly.
Söýle indi ýigidim,
Iliň, adyň nireli?

Gambar:

Atym, donum garaly,
Öksüz synam ýaraly.

Ilim, adym sorarsaň,
Mekanymyz Saryly.

Kimi öler, kimi galar,
Ýaryň illerde bolar.
Ballar akar diliňden
Seniň dostuň kim bolar?

Arzy:

Saraýyň öňi uly,
Dertli jigerim dagly.
Meniň näzlije ýarym,
Hoja Burgaýyp ogly.

Gambar:

Gitdi gyş, geldi ýazy,
Uçar  boldy gazy.
Meni diwana eýleýän,
Hoja Burgaýyp gyzy.

Arzy gyz Gambaryň beýle sözlän wagtynda az-kem aňlady, emma ýene-de şübhede galyp: „Bu garyp biziň illidir. Ýöne maňa aşyk bolandyr” diýdi. Soňra ýene-de garyp ýigide garap beýt aýtmaga başlady.

Bakjanyň aýwasy, nary,
Galmady ömrümiň bary.
Biri-birinden aýyran
Bizi jadygöý garry.

Eý, metjitler münberi,
Kokar müşki-anbary.

Sen janymdan habar ber,
Saryda öksüz Gambary.

Arzy „Bularyň illerinden bolan ordalar Saryly eken hem-de taýpadaş eken” diýip oýlandy. Şol pursat Arzy ýene-de bir beýt aýtmaga başlady.

Duz munça bu erinden,
Tütün çykar serimden,
Söýle ýigit diňläýin,
Jan meniň Gambarymdan.

Şol zaman Gambar: „Men Gambar” diýip, Arza garap beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Men Gambar beg haky,
Görüň ygtykady.
Menlik ýigit Gambar,
Köňlüňde ýigit ýokmy?

Arzy:

Ykrarym meniň hakdyr,
Köňlüm ygtykadymdyr.
Duşmanlar sekiz-on jan,
Ilimde ýigit çokdur.

Gambar:

Soýy Osman soýumydy,
Gaşy Baýram aýymydy.
Neden sorduň a gelin,
Gambaryň beg eýimidi?

Arzy:

Soýy Osman soýy idi,
Gaşy Baýram aýy idi,

Duşman dokuz-on jan,
Gambarym beg eýidi.

Metjidi-münberiň mendirin,
Müşki-anbaryň mendirin.
Sowal sordugyň ýigit –
Ýetim Gambaryň mendirin.

Arzy:

Ne oldum, men ne oldum,
Çok agladym, gülmedim.
Owwalja diýdiň adyň
Eger Gambar sen olduň.

Gambar:

Yşkyň meni ýandyrdy,
Janymdan usandyrdy[1].
Bu seniň yşkyň meni,
Ne reňlere boýandyrdy.

Arzy:

Ýer tutmasyn etdigi,
Duýmasynlar kendiňi.
Hakykatly aşyk sen
Arza ugrap kendiňi.

Çok jepa çekip geldiň,
Şükür, ynsaba geldiň.
Öksüz Gambar senmisiň
Hoş geldiň, sapa geldiň.

[1] Usandyrmak – doýurmak, bizar etmek.

Şol wagt Gambar: „Bu Araz çaýy joşandyr we suwy örän köpdür. Atym hem ýorgundyr” diýip, beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Arz akar garkyn-garkyn,
Däli köňül saňa bargyn.
Uzakdan örtendim geldim,
Arzy, atym bekje argyn.

Arzy:

Alma aldym, bir hata,
Gelmez elimden hiç hata.
Çapar ýigit sen Haka,
Kuwwat bere zor-u ata.

Ne ola, men ne olmadymmy?
Aglaýyban gülmedimmi?
Ah, dinim-imanym Gambar,
At gadar olmadymmy?

Nur iline baraly,
Düldül atdan ineli.
Gözüme uýkular gelmez,
Gambar senden aýrylaly.

Yşkyň atyna münerin,
Ataşlara hem ýanaryn,
Gambar seniň öjüňden,
Perwana olup dönerin.

Gambar, ne olmuşsyň,
Güller kibi solmuşsyň.

Ýoluma jan berýärkäň,
Bir atyňa dözmüşsiň.

Gambar:

Saparyň matam aýy,
Aglar ýoksuly-baýy,
Ne geçerin men muny,
Joşgundyr Arz suwy.

Arzy:

Şu dünýäniň pendini,
Unutmadym andymy.
Hakykatly ýar iseň,
Arza ugrat kendiňi.

Eý, sapa ýaranlary! Gambar şol wagt ýar söwdasy bilen Garakyýtara münüp, Araz suwuna hüjüm etdi. Bir ahwal bilen orta ýerine gelip galdy. At örän çapalaýyp galdy. Gambaryň özi-de müňalyp,[1] janhowluna atdan aýrylyp, tenha bir saza[2] ýapyşdy. Onsoň biraz akyly başyna gelip durdy. Arzy hem köp jan edip, ýüp taşlady. Emma çäre edip bilmedi. Şol pursat Gambar suwuň içinde beýt aýtmaga başlady.

Sökülmiş Arazyň buzy,
Atdan aýyrdyň bizi.
Halym müşgil haldadyr,
Elime girdi sazy.

Galdy dyzgyn[3] elimde,
Bar kemçilik ýolumda.
Halym müşgil haldadyr,
Ýalňyz men Nur ilinde.

[1] Muňalmak –ysgyndan gaçmak, tapdan düşmek.
[2] Saz – gamyş.
[3] Dyzgyn – kuwwat.

Päheý, gediniň[1] gyzy,
Eşit dogruja sözi.
Gambar sykyl[2] haldadyr,
Arza aldyrdyň bizi.

Gambar ýene-de Arza garap iki gezek beýt aýtmaga başlady.

Eý, sypahynyň gyzy,
Soldurdyň meňzimizi.
Sygyn Hydyr, Ylýasa,
Arza aldyrdyň bizi.

Uçdy ördegi, gazy,
Galdy, bozuldy bary.
Garyp halym zagyfdyr,[3]
Çagyr Hydyr, Ylýasy.

Şol pursat Arzy-da iki beýt söýledi, mynajat eýledi we Hydyr alaýhyssalamy çagyrdy. Beýt aýtmaga başlady.

Yşkyň kitaby eldedir,
Hak kelamy dildedir.
Waý, atly Hydyr ýetiş,
Gambarym sykyl haldadyr.

Eý, guramyş Arz,
Ýar eline girdi saz,

[1] Gedi – namart, biderek.
[2] Sykyl – müşgül, kyn.
[3] Zagyf – ejiz.

Ýarym sykyl haldadyr,
Aman, ýetiş Hydyr, Ylýas.

Şol pursat bir boz atly suwuň ortasyndan çykyp gelip, Gambaryň elinden tutup, gyra çykardy. Soňra Hydyr alaýhyssalam gaýyp boldy. Emma Gambar örän zagyf boldy. Arzy ony tutup durup, ýene-de beýt aýtmaga başlady.

Arzy:

Garyp ilde galdyňmy?
Ýar, ellermi aldyňmy?
Hakykatly aşyksyň,
Gambar, sapa geldiňmi?.

Suwlar kibi şagladym,
Ganly ýaşlar agladym
Senden aýry düşeli,
Garalary bagladym.

Gambar:

Goýgun, ýaram düzelmez,
Ýürekdedir, syzylmaz.
Ah, dinim-imanym Arzym,
Derde derman bulunmaz.

Derdiňe dert gataýyn,
Mah[1] ýüzüňe bakaýyn.
Halym zagyf jan Arzym,
Bir dyzyňa ýataýyn.

Ol wagt Gambar örän tapdan düşüpdi. Arzy Gambara garap:

---

[1] Mah – Aý.

Dyzym häzir, Gambarym,
Säkin olur[1], ýat indi

diýdi. Şol pursat Gambar Arzynyň dyzyna başyny goýup ýatdy. Arzy Gambaryň ýüzüne bakyp durşuna ýene-de beýt aýtmaga başlady.

Men-de bozmadym andym,
Kyrk güne möhlet aldym.
Geldim Araz üstüne,
Gambarym seni buldum.

Şol pursat Gambar şol halda ýatyşyna mylaýymlyk bilen Arzynyň agzyny arap, „Arz begi bilen bir myratda bolduňmy?” diýip sowal sorap, beýt aýtmaga başlady.

Gambar:

Arzy, kerwen geçdimi?
Il ýerinden göçdümi?
Dogry, söýle jan Arzym,
Seni ýatlar guçdumy?

Arzy:

Gambarym, ne olarsyň?
El ile agzym ararsyň,
Seniň Arzyň ölinçä,
Meni kime sorarsyň.

Gambar:

Andymyz gara daşda,
Gözümiz ganly ýaşda.
Ah, dinim-imanym Arzym,
Ak mämäň nary kaşda?[1]

[1] Säkin olmak – ahat bolmak.

Arzy:

Gitsem suwa bereýin,
Zülpümi goýbereýin.
Ak mämeler Gambaryňdyr,
Naryny kime bereýin?

Gambar:

Arz akar meýli bilen,
Arzym uýanyr köňli bilen.
Illere meýil beripsiň,
Meni aldady dili bilen.

Arzy:

Häli gördüň göwnümi,
Jepa ugratdym janymy.
Gambar menden aýrylaly,
Geýmedim gelin donumy.

Şol pursat, Gambar Arzynyň derdinde hassa ýatyp, biri-birlerine bakyşyp, beýt aýdyşyp durkan, garşydan esger göründi. Megerem, Arzy begi bilen köýlüler[2] jem bolupdy. Ýetip gelýärdiler. Arzy bulary görüp, Gambara habar berdi. Emma Gambaryň galkmaga mejaly ýokdy. Ol kyrk gözegçi: „Arzy daň bilen galkyp gitdi, asla gelmedi" diýip, ony gözläp ýörkäler, has bakjada[3] bulary gördüler. Onsoň Arz begine habar berip: „Arzy bir arap ile has bakjada ýatyr" diýdiler. Arz beginiň akyly başyndan gidip, tiz salah[4] guşanyp, öz adamlaryny we köýlüleri alyp geldi. Ýetip gelenler şulardy. Arzy bu ýagdaýy bilip, beýt aýdyp, Gambara habar berdi.

Ne oldy bize, ne oluýur,
Duşmanlar hep[5] geliýur.

---

[1] Kaşda – nirede.
[2] Köýliler – obalylar.
[3] Has bakja – ýörite patyşa degişli bakja.
[4] Salah –ýarag.
[5] Hep – hemmesi.

Ah, dinim-imanym Gambar,
Beg ile köýli geliýur.

Arzy bu şygryny aýdyp bolan wagtynda Gambaryň gözüniň öňüne elini örtdi. Şonda Gambar: „Eý, Arzy gyz, gözümi örtme. Ýüzüňe doýynçam bakaýyn” diýip, ýene-de tekrarlap-tekrarlap beýt aýtmaga başlady.

Ýumma meniň gözümi,
Mah göreýin ýüzüňi.
Seniň dyzyň üstünde
Kylsynlar namazymy.

Eliňe aldym eliňi,
Eşdeýin datly diliňi.
Seniň dyzyň üstünde,
Bulsunlar meniň ölimi.

Şol pursat Gambar şeýle diýip, Haktagala mynajat eýläp: „Ýa Rebbim, Sen Settarul-uýup[1] Sen. Meni duşmanlaryň elinde zebun, haly harap eýleme” diýip, şol bada mübärek janyny Haktagala teslim eýledi[2]. Şol wagt Arzy Gambaryň özüniň dyzynyň üstünde ölendigini görüp, ahy-pygan etmäge başlady.

Söwda ilen geler sen,
Ajal jamyndan içer sen.
Neçün maňa ýar olman,
Arzydan neçün geçer sen?!

[1] Settarul-uýup – Aýyplary örtüji (Allanyň bir ady).
[2] Teslim eýlemek – tabşyrmak.

Gambarym, gördüm düýşümde,
Güller açylmyş başynda.
Baýguşlar daşynda,
Ötünçä bekliýeýimmi[1]?

Köşediň Arzy özüni,
Araýyp bulduň Arzyňy.
Gelip halk namazyňy,
Kylynça bekliýeýimmi?!

Ruhlaryň tenden uçdy,
Ahyret iline göçdi.
Idris hülleler biçdi,
Geýinçä bekliýeýimmi?!

Süzüldi gözüň, gaşym,
Ezildi bagrym-başym.
Ahyrete giden işim[2]
Seni biz bekliýeýimmi?!

Arz begi gelinçä,
Näzik teniň ýuwynça,
Biz kepeniň sarynça,
Sarynça bekliýeýimmi?!

Jady garry bar arada,
Meni buldy burada
Ne olur meniň halym,

[1] Beklemek – garaşmak.
[2] Işim – bu ýerde ýanýoldaşym manysynda.

Sen ahyretde men burada.

Ölümlik aldy janyň
Gyrdy ganatym, golum,
Bir Möwlamdan umaryn[1]
Jennet bagy olsun ýeriň.

Munda galdym ýalňyz,
Duşman elinde elimiz.
Kadyr Möwlam saňa maglum,
Al amanat janymyz.

Ýa Ilähi, gyş eýleme,
Bagyrjygym daş eýleme,
Ýatlara ýoldaş eýleme,
Al amanat janymyz.

Arzy bu mynajatyny tamam edenden soň, ol hem mübärek janyny Haka teslim eýledi.

Bir rowaýatda aýtmaklaryna görä, bular ölmezden owwal Gambar Arzynyň dyzynda ýatyrka, şol melgun Akrap jadygöý howa ýüzünde, güp içinde, gamçy elinde uçup barýarka, howada bolsa-da, suwda bolsa-da, jady eder ýaly bir zat barmyka diýip gögi arap gezip ýörkä, ýokardan bulary görüp: „Haý, sizler ýene-de biri-biriňizi bulduňyzmy?!" diýip, Arz begine habar berdi. Onsoň bular jem bolup gelende, görseler Gambar Arzynyň dyzynda ýatyr, ikisi-de ruhuny teslim edipdirler.

Şol pursat Arz begi: „Haý, wah, Arzy ne bu ýigide nesip etdi, ne maňa nesip etdi. Bulary beýle hasrata duçar eden we meni beýle hasratda goýan, hemmesini eden hut şu jadygöýdir" diýip, bularyň jesetlerini päk ýuwup, ardyp, ähli erkek we

[1] Umaryn – umyt ederin

aýal aglaý-aglaý bu iki aşyk-magşugy biri-birlerine ýakyn bir mazarda depn eýlediler. Olaryň ruhlary üçin doga we sena eýlediler.

Şol pursat gapyllykda şol jadygöýi tutup, mäkäm bent etdiler. Onuň jadygöýlük etmäge mejaly galmady. Ony üç gezek Arz suwuna atdylar. Emma suw ony kabul etmedi, daşyna çykardy. Onsoň odun jemläp, çoh ataş ýakdyryp, bu jadygöýi getirip, Arzy bilen Gambaryň mazarynyň ýanynda ataşa atdylar. Şol pursat görseler, bu iki aşyk-magşugyň gabry biri-birine ýapylyşmyş ýelmeşmiş. Şol wagt ýaňky jadygoýüň gemigi[1] ataş içinde çatlap, bir para gemik Arzy bilen Gambaryň mazarynyň arasyna düşdi hem-de iki mazaryň arasynda bir gara çaly[2] bolup galdy. Ol iki aşyk-magşugyň biriniň mazarynda gyrmyzy gül bitip, ol betpäl jadygoý olaryň ortasynda gara çaly bolup, kyýamat gününe çenli baky galdylar. Ol gara çaly olary biri-birine gowuşdyrman, olar hesret kyldylar.

Aşyk-magşuklaryň dügünleri jenneti-aglada bolup, olary biri-birlerine jenneti-aglada goşsalar gerekdir, Allatagala islese. Goý, olaryň ruhlary üçin „Fatyha" okalsyn. Temmet tamam boldy.

---

[1] Gemik – süňk.
[2] Çaly – çeti.